# Türkmenistanyň jan damary suwa bagly!



*Suw ýene-de çägä siňip gidýär.*

*Surat: Altyn asyr internet saýtyndan*

*Akmyrat Gürgenli*

Türkmenlerde “suw damjasy, altyn zerresi” diýlip ýersiz ýere aýdylmadyk bolsa gerek. Türkmenistanyň ýerleşýän topragy gynansakda suwa diýseň gaty zar. Beýle ýagday ilatyň durmuşynda öz öçmejek täsirini galdyrypdyr we galdyryp gelýär. Geçen asyrlarda diňe öýlenenlere “ýerden we suwdan” paý berlipdir. Suwuň sakasynyň üstünde bolsa ganly çaknyşyklar bolupdyr. Bu meselä ýazyjylaryň eserlerinde hem şaýat bolýarys. (serediň Çary Aşyryowyň Ganly saka eserine)

Orta Aziýany basyp alan rus koloniýalistleri bu sebitde pagta öndürip, Orsýeti bu çig mal bilen üpjin etmäge synanşypdyrlar. Şol esasda Amy derýadan Özbegistana we Türkmenistana kanal çekilmegi planlaşdyrsalaram bu iş hem dünýäniň çaýkanyp duran şol bir wagtynda hem-de içerdäki rewolusiýon gozgalaňlaryň möwç almagy netijesinde amala aşyp bilmändir.

Baryp 1954-nji ýylda “Gara gum” ady bilen kanal gurlup başlanýar we onuň gurluşygy 1988-nji ýyla çenli yzygiderli dowam edýär.

**Garaşsyzlyk ýyllarynda kanalyň durkuny täzelemegiň, beton bilen zeýkeşleriň öňüniň alynmagyna derek, diňe onuň adyny üýtmäge synanşyldy, “altyn zerresi” suw bolsa bugaryp ýa-da ýere siňip isrip boldy we bu prosses henzem dowam edýär.**

**Aşgabat we onuň alkymyndaky çöllük ýerleriň jan damary suwa bagly, suw bolmadyk ýagdaýynda hiç hili medeniýetiň-de bolmajyna asyrlar öň ata-babalarymyz göz ýetirip, nirde suw bolsa şol ýerde-de mesgen tutupdyrlar.**

**Häzir Türkmenistanda gurulýan kaşaň-kaşaň ymamratlaryň deregine betondan ýaslan we üsti basyrlan suw kanaly gaty derwaýys, ýogsam bujagaz akyp duran suw hem bugaryp ýa-da ýere siňip ýok bolup gider. Bu wajyp iş gijä galdykça muňa jogapkär Türkmenistanyň häzirki hökümet ýolbaşçylary hiç haçan halk tarapyndan bagyşlanmaz.**

***2010-nji ýylyň 16-njy iýuly***